**Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem etrabyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2026-njy ýylyň 15-nji iýunynda Sakarçäge etrabynyň Sakarçäge şäheriniň Sakarçäge-Birleşik gara ýolunyň ugrundaky 6-njy jaýynda ýerleşýän Medeniýet öýüniň edara binasynda sagat 10:00-dan 12:00-a çenli aralykda boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy: Sakarçäge şäheriniň Sakarçäge-Birleşik gara ýolunyň ugrundaky 6-njy jaýy.

**Habarlaşmak üçin:**

800566 5-34-30.